# Anna Frank bilen Hind Rejebiñ arasynda

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Anna Frank bilen Hind Rejebiñ arasynda ANNA FRANK BILEN HIND REJEBIÑ ARASYNDA




*Ysraýyl çagalara garşy uruşda elmydama ýeñilýär*
Suratkeş bilen fotosuratçynyñ arasyndaky tapawut, fotosuratçynyñ haksyzlyga uçraýanlygy – kem göz bilen garalýanlygydyr.
Hawa, birinjisine «sungat adamsy» ýa-da «senetkär», ikinjisine diñe «fotosuratçy» diýilýär.
Birinjusu gymmatly çotga, ikinjisi zähmeti we reñkj bolmadyk apparat…
Emma fotokameranyñ oýlanyp tapylan wagtyndan bäri köp adam bu apparatdan elde çekilen surata barabar, hatda elde çekilen suratdan has gymmatly sungat döretdi.
Käbir pursatlar many-mazmundan doly kartinalara öwrülip, sungatyñ taryhyna girdi.
Ýüzi şekillendirmek ýa-da «portret» ugrunda-da fotosuratçy suratkeşden öñe geçdi.

Uinston Çerçilliñ düşürilen iñ esasy fotosuraty bilen meşhur bolan kanadaly ermeni Ýusup Karş munuñ iñ gowy mysallarynyñ biri.




*Ysraýylyñ Gaza bombalamalarynyñ yzyndan ýaralanan palestinaly çagalar / Fotosurat: Eşref Amra-AA*

Her gün Gaza degişli fotosuratlara (wideolara däl) seredenimde, suratdan has beter dramatiki sungat eserlerinden düzülen dünýä görýärin.

Ýeke «pursatyñ» dowamynda çekilen ýüzler birnäçe günläp wideokameranyñ öñünde oturan ýüzlerden has agramly, ha manyly görünýär.

Şol ýekeje «pursat» tragediýanyñ yzlaryny, taýýarlygy birbäçe aýa çeken we üstünde onlarça hünärmeniñ işlän kinofilminden has köp zady gürrüñ berýär.




*Ysraýylyň Gaza hüjümlerinde öldürilen hossarlarynyň ölülerini jaýlamak üçin «Refah»-daky «El Nejjar» hassahanasyndan alynmagyna garaşýan palestinalylar ýas tutýar / Fotosurat: Abed Rahim Khatib DPA*

Bu fotokartinalaryň iň «gorkunjy» çagalara degişli fotosuratlar:

Kepenlenen enaýyja jesetler ýa-da araba salnyp, nirädir bir ýere alnyp barylýan naşyja bedenler…




*Halid Judeh 22-nji oktýabrda Gazadaky «Deir Al-Balah» hassahanasynyň morgynda (jesethanasynda) körpe uýasy Miskyň*

*ýasyny tutýar / Fotosurat: Samar Abu Elouf-NYT-Redux*
Bu naşyjalar gidip barýarka astlarynda we üstlerinde göterip bilen sepilliginiñ alamatyny alyp barýarlar.
Bürenjek we köne düşek ýaly…
Ýassygyñ ýa münderiñ geregi ýok.
Şonsuzam Netanýahunyñ döreden dowzahynda kim çirim edip bilýär?




*Gazaly aýal Han Ýunus şäherindäki hassahanada ysraýyl hüjümlerinde öldürilen ýakynlarynyñ jesetlerine gapynyñ añyrsyndan seredýär / Fotosurat: Muhammed Salem-Reuters*
Çagalarynyñ fotosuratlaryndan soñ eneleriñ fotosuraty bar.
Bu neneñsi gahrymançylyk, bu neneñsi ynanylmaz çydamlylyk eý Gazanyñ eneleri!
Biziñ otlukly sözden, elemden doly sahnadan bilimiz bükülýär, ruhumyz çökýär.



*Palestinaly aýal ysraýyl goşunynyň Gazanyň Refah şäherine eden hüjümleriniň yzyndan perýat çekip aglaýar / Fotosurat: Muhammed Abed-AFP*

Wýetnam uruşynyň iň meşhur fotosuratyndan bäri elli ýyl geçdi. Dokuz ýaly Kim Fukyň napalm bombalaryndan ýalaňaç halda gaçyp barýarka düşürilen suratynyň gürrüňini edýärin.



*1972-nji ýylyň 8-nji iýunynda Günorta Wýetnama degişli uçar tarapyndan napalm bombalary bilen urulan dokuz ýaşly gözi ýaşly Kim Fuk gaçyp barýarka / Fotosurat: Nick Ut-AP*

Bu sahna amerikan bombalaýjylaryny wýetkong urşujylaryndan has

beter ýeñlişe uçratdy.
Haýsy söz, haýsy şaýatlyk ýa-da dokument dünýäni, aýratynam amerikan jemgyýetçiligini şu fotosurat ýaly aýaga galdyryp biler?!.




*Ysraýylyñ Gaza bombalamalarynyñ yzyndan hüjümde ýaralanan palestinaly çaga harabalaryñ aşagyndan çykarylýar / Fotosurat: Ýaser Kudih-Reuters*

Gazanyñ fotosuratlary-da dünýä jemgyýetçiligini herekete geçirip, köçelere çykardy.
1948-nji ýyldan bäri jemgyýetçilik palestinalylaryñ ýanynda häzirkisi ýaly durmandy.
Ysraýyl propogandasy hemişe artykmaç mümkinçilikli, kämahalam agyr basýardy.
Emma Netanýahu amansyz duşmanlary tarapyndan daşy gabalan gurban rowaýatynyñ soñuna nokat goýdy.




*Anna Frankyň uruş wagtynda ýöreden gündeligi ölüminiň yzysüre çap edildi. Frank şonuň üçinem «Holokostyň» iň tanalýan jebir çekenleriniň biri / Fotosurat: Wikimedia*

Ikinji jahan uruşy soňlanan gününden bäri şu günki güne çenli jöhit lobbisi mümkin boldugyndan «holokost» kinofilmlerini çykardyp geldi.

Amsterdamda nasistik hökümetiň golastynda ýaşanda gündelik ýöreden gollandiýaly gyz Anna Frankyň fotosuraty şindizem bütin dünýäde meşhurlygyny ýitirmän gelýär.

*Palestinanyň «Gyzyl ýarymaý» jemgyýeti üç sagatdan gowrak wagt, gelip özüni halas etmekleri üçin ýalbaran alty ýaşlyja gazaly gyzjagaz Hindiň ses ýazgysyny köpçüligiň dykgatyna ýetirdi.*
https://t.co/BpVGuYTbFR pic.twitter.com/gQwHyJq86k
— *Independent Turkish (@TurkishIndy)* February 15, 2024

Anna Frankyň kyssasyny ölmezden öň jesetleriň arasynda 12 gününi geçiren gazaly çaga Hind Rejebiň başdan geçirenleri bilen deňeşdirip bilerismi?

Ysraýyl çagalara garşy uruşda elmydama ýeňilýär.

Muhammet ed-Durre, Hind Rejep we armanly giden atsyz-familiýasyz müňlerçe kepen ysraýyl güllelerini we bombalaryny ýeňlişe uçradýar.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Şenbe, 24.02.2024 ý. Publisistika